# Eý, ady gözel Ýusup, üçege çykýaň çakgan…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eý, ady gözel Ýusup, üçege çykýaň çakgan…



Eý, ady gözel Ýusup, üçege çykýaň çakgan,
Ine, gapyny açdyk, gir düşde tiz üçekden.
Eý, merjen doly deňzim, karar-sabrym tüketdim,
Degirmen aýlanşyndan başyma misil tutdum.

Kerwenbaşy, hatyrama, sen kerweni göçürme,
Düeleri çöker-de, gonalgadan ötürme.

Ýok, ýok, ýöre, eý, däli, gan içre ýör hoş halda,
Sebäbini sorama, jana ýer ýok bu ýolda.

Teniň topraga girse, janyň asmana galar,
Hyrkaň ýyrtyk-gam çekme, jan saňa ýokluk bolar.

Köňül syrna ýat däl sen, aýnasyň-görkez ýüzüň,

Sen yşga düşen bolsaň, pitnä özüňi dözgün.

«Nirä ylgaýaň?»– sorap, menden jogap gaýdanok,
Üns et özüň gan içre ylgap ýörsüň, aýdaňok.

Aýdaly gidýän ýeriň, otdan geçip barýarsyň,
«Alla islänin eder»[1] deňzine çenli dursuň.

Her wagt bir ilçi gelýär, elindedir jan ýakaň,
Her wagt köýde bir hyýal, çekýär özüne bakan.

Köňül şeýle reňkde, şu ys älemin açýar,
«Nirde?» diýip, nagra çekip, lybasy ýyrtyp gaçýar.

---

*«Alla islänin eder» – Gurhanyň 14-nji («Ybraýym») süresiniň 27-nji aýaty.* Goşgular